# Öz-özümden utandym

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Öz-özümden utandym

ÖZ-ÖZÜMDEN UTANDYM

Bu gezek hem bazara baryp ulagmyzy goýmaga boş ýer peýläp esli wagt eglendik. Ahyry ulagmyzy goýmaga ýer tapyp bazara girdik. Söwdam tiz oňup çagalaň kakasyndan öň ulagmyzyň ýanyna gaýdyp geldim. Gelip görsem biziň ulagmyzyň öňünde kimdir biri ulagyny goýup gidipdir. Bu aňrybaş, hemme kişä ýetdirip durmaýan ulaga seredip oýlanyp başladym."Ynha-da adamlaň baýaberse etýän hereketleri. Äsgermezçilik edip ýörejek ýolumyzda ulagyny goýup gidipdir."- diýip, bu ulagyň eýesine ýagşylykdan başga näme bar bolsa öz ýanymdan ýöňkemäge başladym. Hälem ulagyň eýesi wagtynda dolanyp geläýdi. Gele-gelmäne maňa ýüzlenip" Gelneje, bazara tiz girip çykmakçydym. Şoň üçin ulagymy goýaýdym-da. Kän garaşdyran bolsam bagyşlaň. Sizi ýoluňyzdan eglän däldirin-dä hernä"-diýip, ak ýürekden ötünç sorap ýaş ýigit ýoluny dowam etdirdi. Ýaş ýigidiň hoşmaýlyk bilen ötünç soramagy meni öz-özümden, tanamaýan adamym hakda eden pikirlem sebäpli juda utandyrdy. Onuň bolsa ýüz-gözünden nur dökülip duran keşbine has hem nur çaýdy.
Ýagşy sözüň gudratyny boýun bolup,ýylysyna çoýynyp ýaşalyň. Ýaman pikir kalbymyzy hapalap ýetişmänkä ýagşy sözler dadymyza ýetişsin. Goý, kalbymyz hemişe owadan pikirli bolsun we ýagşy sözleň çeşmesi bolsun.

Oýlanmalar